# Uçmadym guşlar deýin

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Uçmadym guşlar deýin UÇMADYM GUŞLAR DEÝIN



Ganat ýaýyp asmanda,

Uçmadym guşlar deýin.
Şükür ýeriñ ýüzünde,
Ýitmedim düýşler deýin.
Beýikler gökden garap,
Diýdi:»Wah-wah» halyma.
Pesler diýdi, ejizläp,
«Pelek neneñ zalym-a».

Ne peýda bar asmanda,
Peşmek ýaly gaýmadan.
Şoñ üçinem özümi,
Ýerde ejiz saýmadym.

Peselmän hem eselmän,
Münüp ömür salyma.
Kaýyl bolup Rebbimiñ,
Peşgeş beren halyna.

Ýüzüp ýörin gulaçlap,
Tañryñ beren bagtyny.
Kaýyllyk gurdy meniñ,
Köñlümde şa tagtyny.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular